# Meýdini perişdeler ýuwan şehit

Category: Geň-taňsy wakalar,Kitapcy
написано kitapcy | 23 января, 2025
Meýdini perişdeler ýuwan şehit MEÝDINI PERIŞDELER ÝUWAN ŞEHIT

*Meýdini perişdeler ýuwan sahaba Hanzalanyň Uhud urşunda wepat bolşuny gürrüň berýän bu täsirli hekaýat siziň köpüňizi biperwaý goýmasa gerek.*

## ■ Meýdini perişdeler ýuwan şehit

Müşrikleriň musulmanlara berýän yzygiderli horluk-süteminden goranmak maksady bilen Hezreti Pygamberimiz (s.a.w) Uhut söweşinde duşmana garşy uruş yglan edipdir. Allanyň ýolunda pygamberiň emrine uýup, il-günüň, musulmanlaryň goragy üçin eline ýarag alyp jeň meýdanyna çykanlaryň biri-de ýaňy öýlenen Hanzala bolupdyr.
Uhut urşuna jeňden bir gün öň öýlenendiginw garamazdan pygamberimiziň emrine uýup Hanzala hem ikirjiňlenmän çykypdyr. Uruş gutaransoň musulmanlar Medinä dolanyp gelipdirler. Urşa gidenleriň hossarlary «biziňkilerden kim diri geldikä?» diýen alada bilen ýoluň ugrunda hatara durup garaşypdyrlar. Olaryň arasynda heniz ýeke günlük ýaş çatynja bolup, gijäň ýary pygamberimiziň (s.a.w) emrine uýup urşa giden we şehitlik şerbetini başyna çeken Hezreti Hanzalanyň (s.a.w) aýaly-da bar eken. Hemmeler uruşdan gelenlerden öz ýakynlaryny sorapdyrlar, ýöne hiç kim sesini çykarmandyr. Soraglara diňe pygamberimiz (s.a.w) jogap beripdir. Sorag bermek gezegi Hanzalanyň aýalyna ýetende, ol pygamberimizden (s.a.w):
– Eý Allanyň Resuly! Hanzala nirede? – diýip soraýar. Pygamberimiz (s.a.w) oňa:
– Hanzala şehit boldy – diýýär.
Hanzalanyň aýaly gamgynlyk bilen ýere seredip durşuna, ýuwaşlyk bilen:

– Ýa Resulalla, şu aýtjagym maşgala syry bolup aramyzda galsyn welin, siziñem bilşiñiz ýaly, adamyma durmuşa çykan ilkinji gijämdi. Hanzala siziñ mübärek emriñize uýup, urşa gijä galmajak bolup, gusul alybam ýetişmedi. Şonuñ üçinem, emir berseñiz, ärimi tapyp soñky ýoluna ýuwundyryp ugratsalar… – diýýär.

Şonda pygamberimiz oña şeýle jogap berýär:

– Sen Hanzala üçin aladalanyp oturma! Men Hanzalany perişdeleriñ ýuwup oturandygyny gördüm. Men Hanzalany perişdeleriñ ýer bilen gögüñ arasyndaky kümüş legende ýagyş suwy bilen ýuwup durandyklaryny gördüm.

Şonuñ üçin oña “Gasilül-melâike”, ýagny «Perişdelere gusul aldyrtan Hanzala» diýilýär.

@ Kitapçylar. Geň-taňsy wakalar